# Ähli erbetlikleriñ enesi.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Spirtli içgileriñ zyýanlary barada gysgaça düşündirjek bolsak: Içgi ähli erbetlikleriñ enesidir, diýmegimiz dogry bolar. Çünki spirtli içgiler: beden we ruh saglygyna, maşgalañ dargamagyna, jemgyýetiñ içinde jenaýatlaryñ, ýol heläkçilikleriniñ köpelmegine we bulardan başgada ençeme ýaramaz hadysalaryñ bolup geçmegine sebäp bolýar.

Spirtli içgiler ynsanyñ zehinini bulaşdyrýan we dogry-dürs pikir etmegine päsgel bolýan maddadyr. Içgi içen kişi, içgilikä dogry pikirlenip we dogry hereket edip başarmaz. Şonuñ üçin içgi, içene hem-de töweregindäkilere howplydyr.

Mysal üçin içgi köp ulanylýan ýurtlaryñ birinde ýaýradylan hasabat:

Jenaýatlaryñ: %85

Zorlamalaryñ: %50

Uruş-söwüşleriñ: %50

Ulag heläkçilikleriñ: %65

Aýalyny uranlaryñ: %70

Akyl/Ruh hassalyklaryñ: %60

Sebäbkäri spirtli içgileridir!

Spirtli içgileriñ beden saglygyna uly zeperleri bardyr. Erkeklerde jynsy gowşaklyga, nerwi sisteminiñ bozulmagyna, zenanlarda aýbaşy bozuklugyna, jynsy islegiñ peselmegine sebäp bolýandyr, ene garnyndaky çagañ ösmeginede päsgel bolýandyr.

Az muktarda içilen alkagol: beýin hüjrelerini öldürip beýniñ kiçelmegine, ýatkeşligiñ peselmegine, bedeniñ tiz garramagyna we başgada ençeme hassalyklara ýol açýar. Belli muktarda içilen alkogol bedeniñ zäherlenmegine sebäp bolup, ölüme çenli eltýär.

Içgi içýänleriñ köpüsi, maşgalasy üçin etmeli çykdaýjysyny içgä harjaýar we maşgalanyñ eklenjinde kemlik emele gitirýär. Netijede maşgala bagtlylygy, agzybirligi bozulyp başlanýar.

Içgi kynçylyklary unutmagyñ ýa-da çözmegiñ açary dälde, eýsem ähli kynçylyklaryñ çeşmesidir.

Dinimiz Yslamda içginiñ haram edilmeginiñ sebäblerinden bir bölegi hem şu zatlardyr. Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Eý iman edenler! Içgi, humar oýunlary, dikilen daşlar (butlar) we pal oklary, şeýtanyñ amalyndandyr...”** [*]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **“Allah Tagala içgä, ony içene, paýlana, satana, satyn alana, (arak üçin) üzümi sykyp berene, özü üçin sykdyrana, daşap beren we özü üçin daşalana, we (ondan) gelen puly iýene lagnat etsin.”** [1]

Başga bir hadysda içgi içenler barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: “**(Spirtli) içgi içenlere, Allah Tagala Tinetul-Habal içirjegini wada edendir.**

Sahabalar: Eý Allahyñ Resuly **Tinetul-Habal näme bolýar, diýdiler!**

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **Tinetul-Habal dowzahylaryñ deridir ýa-da otda ýanmaklary sebäpli bedenlerinden akan suwdyr"** [2] diýdi.

Abdullah ibni Abbas (radiyallahu anhuma) şeýle rowaýat etdi: Rasulullah (sallallahu aleyhi ve sellem): **"Içgi içýän adam, ölende Allahyñ huzuryna göýä buta çokunan kişi ýaly bolup çykar"** [3] diýdi.

Zamanamyzda spirtli içgileriñ görnüşleri köpelendir, her dürli atlar bilen atlandyryp satylýandyr.

Aslynda bolsa, bu hakykaty Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) 14-asyr mundan öñ bize habar berendir. Hadysda: **"Ymmatymdan käbir adamlar içgi içip, ony dürli atlar bilen atlandyrarlar"** diýdi. [4]

Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) habar beren ýagdaýy ynsanlaryñ içinde peýda boldy. Hatda käbir musulmanlaryñ arasynda içgi içmek hassalygy şeýle bir ýerleşdi: içgi içmeýänleri geñ görüp başladylar.

Mysal üçin biziñ jemgyýetimizde toý edilse köp böleginde arak, şerap we şuña meñzeş Allahyñ haram eden zatlaryny goýýarlar. Araksyz musulman toý edýänler bolsa, geñ görülýär! Yslamda bir kişi günäni açyk iliñ arasynda etse ýa-da başgalarynyñ şol haramlygy etmegine sebäp bolsa, günäsi esse-esse köp bolýar!

Şu hadysy unutmañ: **"Allah Tagala içgä, ony içene, paýlana, satana, satyn alana, (arak üçin) üzümi sykyp berene, özü üçin sykdyrana, daşap beren we özü üçin daşalana, we (ondan) gelen puly iýene lagnat etsin."**

Toýlarynda saçaklarda spirtli içgiler goýup, ynsanlaryñ haram içmegine sebäp bolýan adamyñ halyny siz pikirlenip görüñ! Allah Tagaladan bizi haram zatlardan goramagyny dileýäris!

Ynsanlar içgini nähili at bilen atandyrsalarda, dinimiz bize bu babatda, gysgaça kesgitleme öwredýär. Bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **"Serhoş edýän her bir zat içgidir we serhoş edýän her bir zat haramdyr"** [5] diýdi.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **"Serhoş edýän zadyñ azy hem köpi hem haramdyr"** [6] diýdi.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

*-Maide 5/90.

1-Tirmizi.

2-Muslim 3/1587.

3-Taberani 12/45, Albäni Sahihu'l-Jami/ 6525.

4-Ahmed Musned 5/342, Albäni Sahihu'l-Jami 5453.

5-Muslim 3/1587.

6-Ebu Dawud 3681, Albani Sahihi Ebu Davud 3128.